864-38-49-13

**TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝEDINIŇ JENAÝAT IŞLERI BOÝUNÇA KAZYÝET KOLLEGIÝASYNA**

**AŞGABAT ŞÄHER BAGTYÝARLYK ETRAP ÝURIDIK MASLAHATHANASYNYŇ ADWOKADY A.HOJAGULYÝEWIŇ TARAPYNDAN**

Aşgabat şäher kazyýediniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýäsy tarapyndan Türkmenistanyň JK-nyň 174-nji maddasynyň 1-nji böleginde,175-nji maddasynyň 2-nji böleginde,177-nji maddasynyň 3-nji böleginde,275-nji maddasynyň 1-nji,2-nji böleklerinde göz öňünde tutylan jenaýatlary etmekde günäli bilinip,Türkmenistanyň JK-nyň 63-nji maddasynyň 3-nji bendine laýyklykda,hersine azatlykdan 15 ýyldan mahrum etmek jezä çäresi Bellenen Kemal Meýlismyradowiç Saparow,Kakajan Abdullaýewiç Halbaýew barasynda 2018-nji ýylyň 27-nji martynda çykarylan hökümiň,iş kesilen Kakajan Abdullaýewiç Halbaýew baradaky bölegine

## NÄGILELIK ŞIKAÝADY

Günä bildirmek baradaky karara,höküme görä, K.A. Halbaýew aşakdaky ýagdaýlarda jenaýady etmekde günäli bilnen,ýagny:

K.A.Halbaýew 2015-nji ýylyň ýanwar aýynda Rossiýa Federasiýasynyň Sank-Peterburg şäherine gidip,Sank-Peterburg döwlet agrar uniwersidedine okuwa girip,2016-njy ýylyň sentýabr aýynda Türkmenistandan okamaga baran :

Ahmet Annageldiýewiç Jumadurdyýew,

Kemal Meýlismyradowiç Saparow,

Aşyrbaý Bakyýewiç Bekiýewe şol ýerdäki derňewde şahsyýedi anyklanmadyk

1. Adamlar bilen deslapdan jenaýatçylykly dilleşip,adamlaryň topary bolup,Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan ykrar edilmedik,Türkmenistan döwlediniň ýol ýörelgelerine gabat gelmeýän
2. "Wahhabi","Selefi",Musulman doganlary",Hizb-it Tahrir"jemagatlarynyň agzasy hökmünde
3. Hereket edip,
4. Guramaçylykly topar bolup,
5. Jenaýatçylykly bileleşigi döredip
6. Açyk çagyryşlary edip,

7. Öz aralaryndaky agzalarynyň aýdyň bolmaz ýaly,gizlinleri girizip,
8. Ýygy-ýygydan ýygnanyşyklary geçirip,
9. Raýatlaryň dini garaýşynyň we
10. Milli degişliliginiň alamatlary boýynça,
11. Olaryň aýratyn we doly däldigini
12. Wagz edip
13. Ýokarda atlary agzalan dini pikirdeşleri bilen,häkimiýedi zorlukly basyp almak we Türkmenistanyň döwlediniň konstitusion gurluşygyny
14. Zorlykly uýtgedip,
15. Olary şol maksada köpçülikleýin çagyryp,
16. Wagz edip
    Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutylmadyk maksatlaryna etmek üçin
17. dini derslerini dowam etdirip
18. adam sanlaryny köpeldip,
19. internet ulgamy bilen köpçülikleýin çagyryşlary
20. yzygiderli habar beriş serişdelerini peýdalanmak arkaly Türkmenistanyň Konstitusion gurluşyny uýtgedip,Türkmenistany "Yslam" döwledine öwürmegiň ugryna çykanlar"-

Diýip,Türkmenistanyň JK-nyň 174m.1b.,175m.2b.,177m.3b.,275m.1-nji,2-nji böleklerinde göz öňünde tutylan jenaýatlary etmekde günäli bilinip,iş kesilenler.

Ýöne derňew,kazyýet tarapyndan bu netijä Türkmenistanyň JIÝK-niň 1,7,8,9,11,12,14,18,20,22,23,32,33,34,124,126,129,130,132,133,135,136,137,337, 414-nji maddalarynyň talaplary bozylyp,wakalar ýoýulyp ,subutnamalara nädogry düşündiriş berlip,diňe garalaýyş ugry bilen derňelip,gelnen netije we onuň şeýledigi,aşakdaky subutnamalar bilen tassyk bolýar.

Jenaýat işiniň 1-nji tomynyň 224-nji sahypasyndaky karara görä,K.A Halbaýew 15.02.2018-nji ýylda tutulyp saklanyp,247-nji sahypadaky karara görä,ony tussoglykda saklamak barada sanksiýa 18.02.2018-nji ýylda berlen,ýöne K.A.Halbaýewiň ejesi Gülşat Orazmedownanyň 22.02.2018-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky hukuk goraýjy edaranyň işiniň meseleleri boýynça Döwlet toparyna,Türkmenistan Baş prokuroryna,Türkmenistanyň Içeri işler ministrine ýazan arzasy,Türkmenistanyň Baş prokuraturasy tarapyndan 19.03.2018ý.berlen № 06-2/273-18 belgili jogap haty,Daşoguz welaýat IIM-niň Görogly etrabynyň polisiýa bölümi tarapyndan 17.03.2018ý.berlen № 0-351 belgili jogap haty bilen tassygyny tapyşy ýaly,K.A.Halbaýew ,K.A,Halbaýew 06.02.2018-nji ýylda Daşoguz welaýay Görogly etrap polisiýa bölümine alnyp gidilip,Türkmenistanyň administratiw hukuk bozmalary hakyndaky kodeksiniň 345-nji maddasynda göz öňünde tutylan

ownuk huligançylyk herekedini eden maşyn diýlip,7 gije-gündiz möhlet bilen administratiw tussog edilip,şol möhlet geçse-de,boşadylman,saklanyp,15.02.2018ý.tussog edilen hökmünde resminamalar düzülen.

Jenaýat işiniň 1-nji tomunyň 94-nji sahypasynda bolan tutyp saklamak baradaky karara görä,K.M.Saparow 10.02.2018ý.tutylyp saklanylyp,13.02.2018ý.sanksiýa berlen,onyň kazyýet mejlisinde aýdyşyna görä,25.01.2018ý,bäri hakykat ýüzünde tussoglykda,ýagny derňew tarapyn K.A.Halbaýew 06.02.2018ýyldan,K.M.Saparow 25.01.2018ý.bäri tussoglykda . Bildirilen günä,günäli bilnen wakalar barasynda aýdylanynda:

1.”Dilleşipdirler”-diýip waka boýynça,jenaýat işiniň maglumatlarynda iş kesilenleriň sözünden kompýuterde ýazylandan başga ol wakanyň tassyklaýan hiç-hili subutnamalar ýok,dilleşendikleri barada aýdylany barasynda bolsa,hakykat ýüzünde biriniň 06.02.2018ýyldan bäri,biriniň 25.01.2018ý.bäri derňew tarapyndan tussoglykda saklanylyp,resminamalarda biriniň 15.02.2018ýyldan,biriniň 10.02.2018ýyldan bäri tussoglykda saklanýar diýlip görkezilmekligi,derňewiň doly suratda garalaýyş ugry bilen derňelendigini tassyklaýar.

2. Türkmenistanyň Müftiliginiň Aşgabat şäher müdürligi tarapyndan berlen netije bilen tassygyny tapyşy ýaly “Whhabi”,”Selefi”,Musulman doganlary”,”Hieb-it Tahrir”-hasaba alynmadyk dini ýörelgeler dürli görnüşli ýörelgeler bolmak bilen,iş kesilen barada şolaryň dördüsiniň hem agzasy diýlip günä bildirilmekligi hem,işiň garalaýyş ugry bilen derňelip,netije çykarylandygyny tassyklaýar.

3. K.A.Halbaýew barada näme bilen tassygyny tapan anyk nähili hereket edendigi barlanmadyk,anyklanmadyk,tassygyny tapmadyk.

4.”Guramaçylykly topar” bolan toparyň her bir agzasynyň etmeli işi, wezipesi öňünden kesgitlenilip,uzak möhletleýin anyk hereketleri amala aşyrmak üçin topar bolýar,ýöne K.A. Halýuaýewa näme wezipe ,näme iş berkidilendiginiň,näme işler alnyp barylmalydygynyň görkezilmän di gini, ”guramaçylykly topar” barada howaýy netijä gelendigini tassyklaýar.

5.”jenaýatçylykly bileleşik döredilen” ýagdaýynda hem, bileleşigini agzalaryna wezipeleri,etmeli işleri,haçan,näme edilmelidigi görkezilmäge degişli,şol ýagdaýlaryň ýokdygy,görkezilmändigi,bu netijäniň hen esassyzdygyny tassyklaýar.

6. Gazetlerde,žurnallarda ,telewizorlarda,beýleki kopçülik habar beriş serişdelerinde K.A.Halbaýew tarapyndan çagyryşlaryň edilmändigi,”açyk çagyryş edip”- diýlip netijäniň hem esassyzdygyny tassyklaýar.

7.Işiň maglumatlaryna görä,olar duşyşyklary metjitlerde,kafelerde

geçirenmişmer,ýöne metjitlerde,kafelerde geçirilmekligi gizlin däldigini tassyklaýar,ikinjiden,şol ýygnaklarda kimiň nähili hereket edendigi,K.A.Halbaýewiň näme hereket edendiginden görkezilmezligi,bu netijäniň hem esasssyzdygyny tassyklaýar.

8.haçan,nirede ýygnaşyklar geçirilendigi,näme ara alyp maslahatlaşandyklarynyň,näme netijä gelendiklerini görkezilmezligi,bu netijäniň esasssyzdygyny tassyklaýar.

9.Işiň maglumatlaryna görä,dini garaýyş barasynda gürrüň edilen,ýöne ýogalanyň belli günlerini etmezlik,öwülýä gitmezlik,öten-geçenlere uýmazlyk barada gürrüň edilen diýlip görkezilen.

10.millidne görä baha bermeklik barada hiç hili maglumat ýok.

11.milledine görä,aýratynlyk,doly dällik hasap etmeklik barada maglumat ýok.

12.K.A.Halbaýew plan wagt,plan ýerde wagz edipdir,asla wagz edipdir diýlip görkezilen ýeri ýok.

13. K.A. Halbaýew kazyýet mejlisinde häkimiýedi basyp almak,gurlyşygy uýtgetmek barada pikrimem ýokdy,niýetimem ýokdy diýip beren görkezmedi,inkär edilmedik.

14.kazyýet mejlisinde zorlukly uýtgetmek halym bardy diýmedi.

15.K.A.Halbaýew hiç wagt,hiç ýerde köpçülikleýin çagyryş etmedik.

16.wagz hem etmedik

17.dini ders alyp baran ýeri hem ýok,wagty hem ýok.

18.topar diýilýäne adam çagyrmadygam,goşmadygam

19.internet ulgamy,kompýuter ulgamy birinjidenä,köpçülikleýin habar beriş serişdesi bolman,maglumat göteriji serişdesine degişli,ikinjiden internet,komýuter ulagymyndan maglumat alnan ýagdaýynda,internet,kompýuter ulgamynda haçan,kim tarapyndan,jemi näçe maglymatlaryň alnandygy barada maglumat saklanýar,ýöne şol maglumatlaryň ýokdygy internediň,kompýuteriň üsti bilen K.A.Halbaýew tarapyndan maglumat berilmändigini tassyklaýar.

20.K.A.Halbaýew tarapyndan hiç wagt habar beriş serişdeleri peýdalanylmadyk,hiç hili maglumatlar,çagyryşlar berilmedik.

Derňew,kazyýet tarapyndan K.A.Halbaýewe bildirilen günä:
bölekleýin boýun almaklary,
şaýatlaryň görkezmeleri,maddy subutnamalary alamak barada teswirnamalar ,maddy subutnama bilmek baradaky karar,
ekspertizäniň netijesi,
jenaýat işiniň beýleki iş toplumlary
bilen tassygyny tapýar diýlip netijä gelnen,ýöne
K.A.Halbaýew plan ýerde,plan hereket etdim,ýa-da etjek bolym diýip,beren görkezmesi ýok,kazyýet mejlisinde hem plan zat etjekdim,ýa-da etjekdik diýmedi.

Şu jenaýat işi boýunça diňe iki adam – Garajaýew Öre bilen Uhulow Toýly

sorag edilip,olar hem K.A.Kakabaýewiň öýünden däl-de K.M.Saparowyň öýünden "Toşiba" maglumat göteriji,"Samsung" telefon alnanynda,serediş geçirileninde güwäler hökmünde gatnaşandygy barada görkezme berip,K.A.Halbaýew barada hiç hili görkezme bermedikler,K.A.Halbaýewiň planşet,prosessor,fleşka asla güwägär gatnadyrylman alnan,onsoň hem şu subutnamalaryň hiçisi hem habar beriş serişdesine degişli bolman,maglumat getirip serişdesine degişli,onsoň hem ol maglumat göteriş serişdelerinden başga ýere şolardaky maglumatlaryň geçirilendigi barada hiç hili maglumat ýok,ýagny maglumat başga ýere geçirilmedik.

Ekspertizalar diňe ýokarda agzalan maglumat serişdeleri boýunça getirilip,maglumatlar ýaýradyldy diýilmän,"Wahhabi","Selefi","Musulman doganlary","Heb-it Tahrir" toparlary Türkmenstanda hasaba alynmadyk,bikanun ýörelgeleridigi görkezilip,olar ulanylan,ýaýradylan,ýaýradylan diýilmedik.

Ekspertizada K.A.Halbaýew şol ýolyň täsirine düşen diýlip görkezilen ýöne bilermenler K.A.Halbaýewi görmän,onyň bilen gürleşmän bu netijä gelinen,ikinjiden şol ýazgylardaky Kazakowyň gürrüňleri diňlenilip gelnen netije Kazakow barasynda bolup,K.A.Halbaýewe dahyly ýok,üçünjiden bular ýaly netije K.A.Halbaýew barasynda lukman-psihologlar tarapyndan K.A.Halbaýew bilen gürrüňdeşlik,barlag geçirilip,gelinmäge degişli,ýöne K.A. Halbaýew bilen olar duşyşmandyklaram,gürleşmändiklere,tananoklaram.

Mins ylalaşygynda ýurtlaryň arasynda hukuk kömegini bermek tertibinde maglumatlar almak,derňew geçirmeklik göz öňünde tutylan bolsa-da ,derňew tarapyndan Sank-Peterburg şäherinde şu wakanyň bolandygy barada hiç,hili maglumadyň soralmandygy,habar beriş serişdelerinde hem şol maglumatlaryň habar bermändigi,iş maglumadyň ýokdygy,bildirilen günä boýunça wakanyň bolandygy,K.A.Halbaýew barada maglumadyň ýokdygy,bildirilen günäniň inkär edilendigini işine seredilenleriň kazyýet mejlisinde beren görkezmelerini tassyklaýan subutnama bolýar.

Onsoň hem,ektradisiýa barada halkara ylalaşygyna laýyklykda,bir döwletde bolan jenaýat barada başga döwlet derňew,iş serediş geçirilende,iki döwlediň haýsynda bolan waka boýunça ýeňil jeza çäresi göz öňünde tutylan ýagdaýda,göz öňünde tutylan ýeňil jeza çäresiniň ulanylmaga degişlidigi kesgitlenen,ýöne derňew,kazyýet tarapyndan waka boldy diýilýän ýurduň kanunçylygy öwrenilmedik.

Günä bildirilip,günäli bilnen maddalaryň dispozosiýalary hem,K.A.Halbaýew bikanun günä bildirilip,bikanun iş kesilendigini tassyklaýar.

Türkmenistanyň JK-nyň 174m1b.dispozisiýasy "Häkimiýedi zorlukly basyp almak we /ýa-da/ konstitusion gurlyşy zorlukly uýtgetmek maksady bilen dilduwuşik"-diýlip düzülen,ýöne derňewde hem,kazyýet mejlisinde hem,bildirilen bu günä özüniň tassygyny tapmadyk.

Türkmenistanyň JK-nyň 175m.2b.dispozisiýasy "Häkimiýedi zorlukly basyp almaga we /ýa-da/konstitusiýa gurluşy zorlukly uýtgetmäge bolan köpçülikleýin çagyryşy gaýtadan,guramaçylykly topar tarapyndan,ýa-da köpçülikleýin habar beriş serişdelerini peýdalanmak bilen edilse"- diýlip görkezilen,ýöne K.A.Halbaýew tarapyndan hiç hili çagyryş edilmedik edilendigini tassyklaýan subutnama hem ýok.

Türkmenistanyň JK-nyň 177m1b.dispozisiýasy: "Durmuş,milli,etniki,zyns,ýa-da dini duşmançylygy ýa-da agzalalygy döretmäge,milli mertebäni kemsitmäge gönükdirilen bilkastlaýyn hereketleri edene,şeýle hem raýatlaryň dine garaýşyna,durmyş,milli,etniki ýa-da jynsy degişlidiginiň alamatlary boýunça olaryň aýratyn ýa-da doly bahaly däldigini wagyz etse"-diýlip düzülen,ýöne K.A. Halbaýew tarapyndan,işiň maglumatlary bilen tassygyny tapyşy ýaly,hiç wagt,hiç ýerde hiç hili wagz edilmedik.

Eger wagz edildi diýlip bilinäýen ýagdaýynda-da,durmyş,milli,entiki,jyns aýratynlyklary boýunça däl-de,diňe din bilen bagly ýagdaýlar barada günä bildirilen,köpçülikleýin habar beriş serişdeleri peýdalanylmadyk, fiziki zorluk ulanylmadyk,ulanmak howpy salynmadyk,guramaçylykly topar hem bolmadyk,şol sebäpli din bilen bagly wagz edildi hasap edilen diýlip,bilnen ýagdaýynda hem,diňe Türkmenistanyň JK-nyň 177m.1b.boýunça günä bildirilmäge we günäli bilinmäge degişli bolardy.

Türkmenistanyň JK-nyň 275m.1b.dispozisiýasy: "Agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýatlar etmek üçin jenaýatçylykly bileleşigiň döredilmegi,şonuň ýa-da jenaýatçylykly bileleşige ýolbaşçylyk etmek"-diýlip düzülen,ýöne derňew,kazyýet mejlisinde özüniň tassygyny tapyşy ýaly,K.A.Halbaýew hiý hili topar döredilmedik,ýolbaşçylyk hem edilmedik,K.A.Halbaýewiň Türkmenistanyň JK-nyň 275m.2b.boýunça günä bildirilmekligi,günäli bilinmekligi,oňa şu maddanyň 1-nji bölegi boýunça esassyz günä bildirilendigini,esassyz günäli bilinendigini tassyklaýar,sebäbi 1-nji bölek topary döredilen,ýolbaşçylyk eden diýlip görkezilen,2-nji bölegi bolsa gatnaşan bolmak bilen,şu waka bolaýan ýagdaýynda-da,ýa1-nji madda boýynça,ýa-da 2-nji madda boýynça günä bildirilmäge we günäli bilinmäge degişli bolardy.

Işine seredilýänleriň derňew tarapyndan hasap edilişi ýaly günälerini alan ýagdaýlarynda,ozal iş kesilmändigi,jogapkärçiligini agyrlaşýan ýagdaýlaryň ýoklygynda,kanunda göz öňünde tutylan aňyrbaş jeza çäreleriniň bellenilmekleri hem, aýyplaýyş ugry bilen derňelip,seredilip,bikanun netije çykarylandygyny tassyklaýan subutnamalaryň biri bolýar.

Ýokarda agzalanlar esasynda,höküme nägilelik tertibinde şu şikaýady getirmek bilen,-

# H A Ý Y Ş T E D Ý Ä R I N:

Aşgabat şäher kazyýediniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy tarapyndan Türkmenistanyň JK-nyň 174m.1b.,175m.2b.,177m.3b.,275m.1,2-nji böleklerinde göz öňünde tutylan jenaýatlary etmekde günäli bilinip,iş kesilenler Kemal Meýlismyradowiç Saparow,Kakajan Abdullaýewiç Halbaýew barada çykarylan hökümiň Kakajan Abdullaýewiç Halbaýew baradaky bölegini söküp,jenaýat işiniň şol böleginiň önümçilikden ýatyrylmaklygyny,ýa-da K.A.Halbaýew barada Türkmenistanyň JK-nyň 174m.1b.,175m.2b.,275-nji maddasynyň 1-nji bölegi boýunça günäli bilinip,iş kesilen bölegini söküp ýatyrylmaklygyna,Türkmenistanyň JK-nyň 177m.3bölegini Türkmenistanyň JK-nyň 177m,1-nji bölegine geçip maddalaşdyrylyp,köp sanly jogapkärçiliklerini ýeşilleşdirýän ýagdaýlarynyň bardygyny,jogapkärçiligini agyrlaşdyrýan ýagdaýlarynyň ýokdygyny göz öňünde tutyp,hökümiň şol bölegini uýtgetmek bilen,jeza çäresiniň kesgitlenilmekligini soraýaryn.

Goşulýar: Nägilelik şikaýadyň nusgasy
Orazmedowa Gülşadyň 22.02.2018ý.ýazan arzasynyň nusgasy
Daşoguz welaýat Görogly etrap PB-i tarapyndan 17.03.2018ý.berilen № 0351 belgili jogap hatynyň nusgasy
Türkmenistanyň Baş prokuraturasy tarapyndan 19.08.2018ý. berlen № 06-2/273-18 belgili jogap hatynyň nusgasy.

Adwokat: A.Hojagulyýew

"03 05 2018ý.

AŞGABAT ŞÄHERINIŇ
BAGTYÝARLYK ETRAP
ÝURIDIK MASLAHATHANASY
ADWOKAT
HOJAGULYÝEW AGAMYRAT